При каждой возможности ПРООН способствует человеческому развитию, что лежит в основе экономического роста страны. Мы прилагаем все усилия, чтобы результаты нашей деятельности были устойчивыми и оказывали долгосрочное положительное влияние на жителей Туркменистана.

ПРООН поддерживает осуществление национальной программы развития и вносит вклад в национализацию и реализацию Целей устойчивого развития в Туркменистане, предоставляя доступ к знаниям, ресурсам и сетям.

## ОСНОВНЫЕ ДОСТИЖЕНИЯ

- **ПРООН оказала содействие в подготовке 1-го и 2-го ДНО Туркменистана в 2019 и 2023 годах.**
- **ПРООН оказала содействие в создании Совместной экспертной группы по финансированию ЦУР в Туркменистане для продвижения Комплексных национальных механизмов финансирования ЦУР (КНМФ).**
- **ПРООН оказала содействие в создании и запуске Национальной базы данных ЦУР.**
- **ПРООН оказывает содействие в реализации НПДПЧ на 2021–2025 гг.**
- **ПРООН содействует подготовке национальных докладов и выполнению рекомендаций договорных органов ООН и УПО Совета по правам человека ООН.**
- **ПРООН укрепляет институциональный потенциал Аппарата Омбудсмена по защите прав человека в соответствии с Парижскими принципами.**

## KEY ACHIEVEMENTS

- **UNDP assisted with the preparation of the 1st and 2nd VNRs of Turkmenistan in 2019 and 2023.**
- **UNDP supported the creation of the Joint Expert Group on SDG Financing to promote the INFF.**
- **UNDP provided assistance with the development and launch of the National SDG database.**
- **UNDP assists with the realization of the NHRAP for 2021-2025.**
- **We help to implement the recommendations of the UN Treaty Bodies and Human Rights Council`s UPR process.**
- **UNDP increases the institutional capacity of the Ombudsperson's Office to protect human rights in accordance with the Paris Principles.**

## ESASY ÜSTÜNLIKLER

- **BMGÖM 2019 we 2023-nji ýyllarda Türkmenistanyň 1-nji we 2-nji Meýletin milli synlaryny taýýarlamaga ýardam berdi.**
- **BMGÖM DÖM-leri maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmlerini (CNMF) öňe sürmek üçin Türkmenistanda DÖM-leri maliýeleşdirilmek boýunça Bilelikdäki bilermenler toparyny döretmäge ýardam berdi;**
- **BMGÖM Milli DÖM maglumat binýadyny döretmekde we işe girizmekde ýardam berdi.**
- **BMGÖM 2021-2025 ýyllar üçin AHHMM-yň durmuşa geçirilmegine ýardam berýär.**
- **BMGÖM milli hasabatlary taýýarlamakda we BMG şertnamalaýyn guramalarynyň we BMG-niň Adam Hukuklary boýunça Geňeşiniň Ählumumy Döwürleýin Synynyň tekliplerini ýerine ýetirmäge ýardam berýär.**
- **BMGÖM Pariž ýörelgelerine laýyklykda adam hukuklaryny goramak boýunça Adalatçynyň edarasynyň institusional mümkinçiliklerini artdyrýar.**

# ACCELERATING THE SDGS: THE UNDP'S INTEGRATOR ROLE

# DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARYNA ÝETMEKDE ÖŇEGIDIŞLIGIŇ DEPGINLERINI TIZLEŞDIRMEK: BMG-NIŇ ÖSÜŞ MAKSATNAMASYNYŇ BIRLEŞDIRIJI HÖKMÜNDE ROLY

# УСКОРЕНИЕ ПРОГРЕССА В ДОСТИЖЕНИИ ЦУР: РОЛЬ ПРООН В КАЧЕСТВЕ ИНТЕГРАТОРА

The Sustainable Development Goals (SDGs) are a universal call to action to end poverty, protect the planet and ensure that all people enjoy peace and prosperity. The SDGs guide UNDP's work across the world to build inclusive, just and sustainable societies.

UNDP in Turkmenistan strives to increase the capacity of the Ministry of Finance and Economy of Turkmenistan as a responsible body for coordinating activities to implement the SDGs in the country. UNDP joined forces with the Ministry of Finance and Economy of Turkmenistan and provided technical support to the government in the preparation of the first and second Voluntary National Reviews of the country in 2019 and 2023 to present the national progress made in implementing the 17 Sustainable Development Goals.

The UNDP's integrator role in delivering SDGs and Agenda 2030 provoked the need for the reform of the international and national financial architecture to achieve notable results with a continuous focus on SDG financing, which serves as the key principle for ensuring sustainable and balanced economic growth.

UNDP contributes to the work of the Joint Expert Group on SDG Financing in Turkmenistan on promoting the Integrated National Financing Framework (INFF), which will facilitate the development of the financial planning and budgeting, improvement of the investment climate and business environment, development of capital markets and the introduction of innovative financial instruments.

UNDP Turkmenistan has supported the development of the national SDG Database, which enabled country-wide data collection, analysis of local trends for each indicator and further strengthened the country's capacity to report and monitor the SDGs.

UNDP partnered with the State Statistics Committee of Turkmenistan and the Ministry of Finance and Economy of Turkmenistan to strengthen the statistical and accounting capacity of the two institutions. It is expected that as a result of joint cooperation, quality disaggregated data, aligned with international standards, would be available to policymakers, legislators, and the public.

UNDP in Turkmenistan will continue to focus on enhancing the national statistical capacity to enable more agile, efficient and evidence-based decision-making and ensure better measurement of progress towards the SDGs in a way that is both inclusive and fair.

---

Durnukly ösüş maksatlary (DÖM) — garyplygy ýok etmek, planetany goramak we ähli adamlara parahatçylygy we abadançylygy üpjün etmek üçin hereketlere ählumumy çagyryşdyr. DÖM BMGÖM-iň inklýuziw, adalatly we durnukly jemgyýetiň gurulmagyna gönükdirilen işlerini kesgitleýär.

Türkmenistanda BMGÖM, Türkmenistanyň Maliýe we Ykdysadyýet ministrliginiň (TMYM) Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek üçin çäreleri utgaşdyrmak üçin jogapkär edara hökmünde mümkinçiliklerini güýçlendirmäge çalyşýar. BMGÖM TMYM bilen tagallalaryny birleşdi we 2019-njy we 2023-nji ýyllarda Durnukly ösüş maksatlarynyň 17-ni durmuşa geçirmekde milli öňegidişliklere baha bermek we görkezmek üçin ýurduň birinji we ikinji meýletin milli synlaryny (VNR) taýýarlamakda ýurduň Hökümetine bilermen we tehniki goldaw berdi.

DÖM-leri we 2030-njy ýyl döwür üçin Gün tertibini durmuşa geçirmekde BMGÖM-iň birleşdiriji roly, durnukly we deňagramly ykdysady ösüşiň esasy bölegi bolan DÖM-leri maliýeleşdirmäge hemişe üns bermek bilen görünýän netijelere ýetmek üçin halkara we milli maliýe arhitekturasyny özgertmegiň zerurdygyny görkezdi.

BMGÖM, netijeli maliýe meýilnamalaşdyrylyşynyň we býudjetleşdirilmeginiň, maýa goýum klimatynyň we işewürlik gurşawynyň gowulaşmagyna, pul bazarlarynyň ösmegine we innowasiýa maliýe gurallarynyň girizilmegine goşant goşjak DÖM-leri maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmlerini (CNMF) öňe sürmek üçin Türkmenistanda DÖM Maliýeleşdirmek boýunça Bilelikdäki Bilermenler toparynyň işine goşant goşýar.

Türkmenistandaky BMG-niň Ösüş Maksatnamasy, tutuş ýurt boýunça maglumatlary ýygnajak, her görkezijiniň ýerli meýillerini seljerjek we ýurduň DÖM-ler boýunça hasabat bermek we gözegçilik etmek mümkinçiligini has-da güýçlendirýän milli DÖM maglumat binýadynyň işlenilip taýýarlanylmagyny goldady.

BMGÖM Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti hem Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen iki edaranyň statistika we hasabat mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak üçin hyzmatdaşlyk edýär. Bu hyzmatdaşlygyň netijesinde halkara ülňülerine laýyk gelýän ýokary hilli bölümleýin maglumatlaryň çözgütleri kabul edýän şahslara, kanun çykaryjylar we halk köpçüligi üçin elýeterli bolmagyna garaşylýar.

BMGÖM Türkmenistanda mundan beýläk hem has çeýe, netijeli we subutnamalara esaslanýan çözgütleri kabul etmegi üpjün etmek we DÖM-lere ýetmekde öňegidişlikleriň ýzarlanyşyny gowulandyrmak üçin milli statistika kuwwatyny güýçlendirmäge aýratyn üns berer.

---

Цели в области устойчивого развития (ЦУР) — это всеобщий призыв к действиям по искоренению нищеты, защите планеты и обеспечению мира и процветания для всех людей. ЦУР определяют работу ПРООН во всем мире, нацеленную на построение инклюзивного, справедливого и устойчивого общества.

ПРООН в Туркменистане стремится укрепить потенциал Министерства финансов и экономики Туркменистана (МФЭТ) в качестве ответственного органа за осуществление координации мероприятий по реализации Целей устойчивого развития. ПРООН объединила усилия с МФЭТ и оказала экспертную и техническую поддержку Правительству страны в подготовке первого и второго Добровольных национальных обзоров (ДНО) страны в 2019 и 2023 годах для осуществления оценки и представления национального прогресса в реализации 17 Целей устойчивого развития.

Роль интегратора ПРООН в реализации ЦУР и Повестки дня на период до 2030 года подчеркнула необходимость реформирования международной и национальной финансовой архитектуры для достижения заметных результатов с постоянным акцентом на финансирование ЦУР, что является ключевым элементом устойчивого и сбалансированного экономического роста.

ПРООН вносит свой вклад в работу Совместной экспертной группы по финансированию ЦУР в Туркменистане для продвижения Комплексных национальных механизмов финансирования ЦУР (КНМФ), что будет способствовать развитию эффективного финансового планирования и бюджетирования, улучшению инвестиционного климата и бизнес-среды, развитию рынков капитала и внедрению инновационных финансовых инструментов.

ПРООН в Туркменистане поддержала разработку национальной базы данных по ЦУР, которая позволит собирать данные по всей стране, анализировать местные тенденции по каждому показателю и еще больше укрепить потенциал страны по отчетности и мониторингу ЦУР.

ПРООН сотрудничает с Государственным комитетом Туркменистана по статистике и Министерством финансов и экономики Туркменистана в целях улучшения статистического и бухгалтерского потенциала двух учреждений. Ожидается, что в результате данного сотрудничества качественные дезагрегированные данные, соответствующие международным стандартам, будут доступны для лиц, принимающих решения, законодателей и общественности.

ПРООН в Туркменистане будет и впредь уделять особое внимание укреплению национального статистического потенциала, чтобы обеспечить принятие более гибких, эффективных и, основанных на фактах решений и улучшить отслеживание прогресса в достижении ЦУР.



# ENABLING DIGITAL TRANSFORMATION

# TÜRKMENISTANDA SANLY ÖZGERIŞI TIZLEŞDIRMEK

# УСКОРЕНИЕ ЦИФРОВОЙ ТРАНСФОРМАЦИИ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

We are living in a rapidly changing world where new technologies and innovative solutions play an increasingly important role in achieving the Sustainable Development Goals.

In line with the UNDP Digital Strategy 2022-2025, UNDP works with governments and partners across 170 countries to boost the digital capacity of vulnerable and marginalized groups including women and people with disabilities and build digital ecosystems that benefit everyone.

UNDP in Turkmenistan actively supports the delivery of the national priorities on digital development outlined in the "Concept for the Development of the Digital Economy in Turkmenistan for 2019-2025" and the "State Programme for the Development of the Digital Economy in Turkmenistan for 2021-2025" paying special attention to strengthening country's digital capacity in such areas as electronic government, statistics, banking, finance, customs, civil registration and other public services.

Häzirki wagtda, biz täze tehnologiýalar we innowasiýa çemeleşmeleri Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde has möhüm rol oýnaýan, çalt üýtgeýän dünýäde ýaşaýarys.

BMGÖM-iň 2022-2025 ýyllar üçin Sanly strategiýasyna laýyklykda, biz 170 ýurtda hökümetler we hyzmatdaşlar bilen ejiz we çetleşdirilen toparlaryň, şol sanda zenalar we mümkinçilikleri çäkli şahslaryň sanly mümkinçiliklerini artdyrmak we hemmelere peýdaly sanly ekosistemalary döretmek üçin işleýäris.

BMGÖM elektron hökümet, statistika, bank işi, maliýe, gümrük, raýat ýagdaýynyň namalarynyň hasaba alnyşy we beýleki döwlet hyzmatlary ýaly ugurlarda ýurduň sanly kuwwatyny güýçlendirmeklige aýratyn üns berip, "2019-2025-nji ýyllar üçin Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmek konsepsiýasy" we "2021-2025-nji ýyllar üçin Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça döwlet maksatnamasy"-nda görkezilen sanly ösüş pudagynda milli ileri tutulýan ugurlaryň durmuşa geçirilmegini işjeň goldaýar.

Сегодня мы живем в быстро меняющемся мире, где новые технологии и инновационные подходы играют все более решающую роль в достижении Целей устойчивого развития.

В соответствии с Цифровой стратегией ПРООН на 2022–2025 годы, мы работаем с Правительствами и партнерами в 170 странах, чтобы повысить цифровой потенциал уязвимых и маргинализированных групп, включая женщин и людей с ограниченными возможностями, и создать цифровые экосистемы, которые принесут пользу всем.

ПРООН активно поддерживает реализацию национальных приоритетов в области цифрового развития, изложенных в «Концепции развития цифровой экономики в Туркменистане на 2019–2025 годы» и «Государственной программе развития Цифровой экономики в Туркменистане на 2021-2025 годы», уделяя особое внимание укреплению цифрового потенциала страны в таких сферах, как электронное правительство, статистика, банковское дело, финансы, таможня, регистрация актов гражданского состояния и другие государственные услуги.



## DIGITALIZATION OF PUBLIC SERVICES

## DÖWLET HYZMATLARYNYŇ SANLAŞDYRYLMAGY

## ЦИФРОВИЗАЦИЯ ГОСУДАРСТВЕННЫХ УСЛУГ

Digital transformation in the public sector has become an essential part of UNDP's work in Turkmenistan, including its support to the simplification and harmonization of business processes and strengthening interaction between the State Customs Service of Turkmenistan (SCS) and state control authorities (SCAs) engaged in control of import and export operations.

UNDP, jointly with the United Nations Conference on Trade and Development (UNCTAD), channels relevant technical assistance to the government to further automate and modernize customs clearance procedures using the Single Window concept to strengthen country's trade capacity for development. These joint efforts promote fair trade and private sector development, ensure people's economic rights, strengthen public institutions, improve the quality of public finances and promote economic stability and growth.

UNDP in Turkmenistan joined hands with the Ministry of Justice of Turkmenistan to pilot the digitalization of the services of the civil registration system and contribute to the creation of a Unified State Register of Records of Civil Status Acts to ensure a more efficient public services delivery.

Together with the State Statistics Committee of Turkmenistan, UNDP currently develops the Statistical Business Register to automate internal processes and increase the efficiency of business processes.

In February 2023 the UNDP and "Turkmenaragatnashyk" Agency under the Agency for Transport and Communications of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan started the implementation of a pilot system of interdepartmental electronic information exchange in Turkmenistan.

This new initiative on the creation of an Electronic Data Interchange System will become the backbone for all future interagency data communication, and will expand cooperation in the field of digital transformation of public administration, in line with UNDP's efforts to accelerate digital transformation in Turkmenistan under the Memorandum of Understanding with "Turkmenaragatnashyk" Agency signed in March 2022.

UNDP in Turkmenistan strengthens the potential of the Academy of Civil Service under the President of Turkmenistan to improve the professional qualifications and retrain civil servants, as well as promote young national specialists to leadership positions. Our efforts are aimed at strengthening the capacity and competence of civil servants in the area of digital transformation and increasing the efficiency of public administration through the introduction of digital technologies.




Döwlet pudagynda sanly özgerişlik, işewürlik amallary ýönekeýleşdirmekde we sazlaşdyrmakda, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň (TDGG) bilen importa we eksporta gözegçilik edýän döwlet gözegçilik edaralarynyň (DGE) arasynda özara gatnaşyklary güýçlendirmek bilen bilelikde BMGÖM-iň Türkmenistanda alyp barýan işleriniň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

BMGÖM Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasy (UNCTAD) bilen bilelikde ýurduň söwda kuwwatyny güýçlendirmek üçin "bir penjire" konsepsiýasyny ulanyp, gümrük taýdan resmileşdirmek amallaryny awtomatlaşdyrmak we döwrebaplaşdyrmak üçin Hökümete degişli tehniki kömek berdi.

Biziň bilelikdäki tagallalarymyz söwda we hususy pudagyň ösmegi üçin adalatly gurşawy öňe sürer, adamlaryň ykdysady hukuklaryny üpjün eder, döwlet edaralaryny güýçlendirer, döwlet maliýe serişdeleriniň hilini ýokarlandyrar we ykdysady durnuklylygy we ösüşi üpjün eder.

BMGÖM, Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen birleşip, raýat ýagdaýynyň namalarynyň hasaba alyş ulgamynyň sanly hyzmatlaryny synagdan geçirdi we döwlet hyzmatlarynyň netijeli berilmegini üpjün etmek üçin Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň bitewi döwlet sanawyny döretmäge ýardam berdi.

BMGÖM, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen bilelikde içerki amallary awtomatlaşdyrmak we işewürlik amallarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin Statistik iş sanawyny döretmek boýunça işi alyp barýar.

2023-nji ýylyň fewral aýynda BMGÖM we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligi Türkmenistanda pudagara elektron maglumat alyş-çalşygynyň synag ulgamyny durmuşa geçirip başlady.

Geljekde Pudagara maglumatlary geçirmegiň binýady boljak elektron maglumatlary alyş-çalyş ulgamyny döretmek baradaky bu täze başlangyç, BMGÖM-iň 2022-nji ýylyň mart aýynda döwlet dolandyryşynyň sanly özgerişi ugrynda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin Türkmenaragatnaşyk agentligi bilen gol çekilen Özara düşünişmek hakynda Memorandumynyň çäginde Türkmenistanda sanly özgerişleri çaltlaşdyrmak ugrundaky tagallalaryny dowam etdirer.

Türkmenistandaky BMGÖM, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak we döwlet işgärlerini gaýtadan taýýarlamak, şeýle hem ýaş hünärmenleri ýolbaşçy wezipelere çykarmak üçin mümkinçiliklerini pugtalandyrýar.

Biziň tagallalarymyz, döwlet işgärleriniň sanly özgertmeler pudagynda mümkinçiliklerini we başarnyklaryny güýçlendirmäge we sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly döwlet dolandyryşynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen.

Цифровая трансформация в государственном секторе стала неотъемлемой частью работы ПРООН в Туркменистане, включая поддержку в упрощении и гармонизации бизнес-процессов и усилении взаимодействия между Государственной таможенной службой Туркменистана (ГТС) и органами государственного контроля (ГТК), осуществляющими контроль за импортно-экспортными операциями.

ПРООН совместно с Конференцией ООН по торговле и развитию (ЮНКТАД) предоставила Правительству соответствующую техническую помощь для дальнейшей автоматизации и модернизации процедур таможенного оформления с использованием концепции «единого окна» для укрепления торгового потенциала страны в целях развития.

Наши совместные усилия будут способствовать продвижению справедливой среды для торговли и развития частного сектора, обеспечивать экономические права людей, укреплять государственные институты, улучшать качество государственных финансов и способствовать экономической стабильности и росту.

ПРООН объединила усилия с Министерством адалат Туркменистана для пилотирования цифровых услуг системы по регистрации записей актов гражданского состояния и содействия созданию Единого государственного реестра записей актов гражданского состояния для обеспечения эффективности предоставления государственных услуг.

Совместно с Государственным комитетом Туркменистана по статистике ПРООН работает над созданием Статистического бизнес-реестра для автоматизации внутренних процессов и повышения эффективности бизнес-процессов.

В феврале 2023 г. ПРООН и Агентство «Туркменарагатнашык» Агентства Транспорта и Коммуникаций при Кабинете Министров Туркменистана приступили к внедрению пилотной системы межведомственного электронно-информационного обмена в Туркменистане.

Данная новая инициатива по созданию Системы электронного обмена данными, которая станет основой для всей будущей межведомственной передачи данных, продолжит усилия ПРООН по ускорению цифровой трансформации в Туркменистане в рамках подписанного в марте 2022 года Меморандума о взаимопонимании с Агентством «Туркменарагатнашык» по расширению сотрудничества в области цифровой трансформации государственного управления.

ПРООН в Туркменистане укрепляет потенциал Академии государственной службы при Президенте Туркменистана по повышению профессиональной квалификации и переподготовке государственных служащих, а также продвижению молодых специалистов на руководящие должности.

Наши усилия направлены на усиление потенциала и компетентности государственных служащих в сфере цифровой трансформации и повышение эффективности государственного управления за счет внедрения цифровых технологий.

"UNDP is proud to become the partner of choice in promoting digital transformation of Turkmenistan, and we are privileged to start a flagship project with the national telecommunications agency on building the national government's digital governance ecosystem."

**Narine Sahakyan,**
**UNDP Resident Representative in Turkmenistan**

«BMGÖM, sanly üýtgeşmeleri öňe sürmekde ýurduň ygtybarly hyzmatdaşdygyna buýsanýar. Milli sanly dolandyryş ekosistemasyny döretmek üçin telekommunikasiýa agentligi bilen öňdebaryjy taslamany durmuşa geçirmek biziň üçin uly hormat».

**Narine Saakýan,**
**BMGÖM-iň Türkmenistandaky hemişelik wekili**

«ПРООН гордится тем, что стала надежным партнером страны в продвижении цифровой трансформации. Для нас большая честь запустить флагманский проект с агентством телекоммуникаций по созданию национальной экосистемы цифрового управления»

**Нарине Саакян,**
**Постоянный представитель ПРООН в Туркменистане**

## DIGITAL BANKING

## SANLY BANKING

## ЦИФРОВОЙ БАНКИНГ

Digital transformation is the dominant trend in the development of banking. Guided by the SDGs and the national strategic objectives, the State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan (TFEB) and UNDP joined forces in the digitalization of banking services, to build a solid foundation for gaining competitive advantages due to increased flexibility, speed and efficiency of banking processes. UNDP will continue cooperation on enabling digital transformation by developing an innovative business model and digitalization of TFEB to ensure customer engagement, better profitability, and attract external finance.

With UNDP's technical support the TFEB aims to increase its capacity to find solutions to the most critical challenges in digital transformation in banking and implement the national development agenda towards an inclusive and sustainable digital society in Turkmenistan.

Sanly özgeriş bank işiniň ösüş pudagynda agdyklyk edýär. DÖM we milli strategiki maksatlardan ugur alyp, Türkmenistanyň Döwlet Daşary Ykdysady Iş Banky (TDDYB) we BMGÖM, çeýeligi, tizligi we bank amallarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak arkaly bäsdeşlik artykmaçlyklaryny gazanmak üçin berk binýady döretmek maksady bilen bank hyzmatlaryny sanlaşdyrmakda tagallaryny birleşdiler.

BMGÖM, müşderiler bilen netijeli gatnaşygy üpjün etmek, girdejileri artdyrmak we daşarky maliýeleşdirmegi çekmek üçin innowasion işewürlik modelini we TDDYB-i sanlaşdyrmak arkaly sanly özgerişleriň binýadyny döretmek üçin hyzmatdaşlar bilen işleşýär.

BMGÖM, bank pudagyndaky sanly özgerişiň iň möhüm meselelerini çözmek we Türkmenistanda inklýuziw we durnukly sanly jemgyýet gurmak üçin ösüş pudagyndaky milli gün tertibini durmuşa geçirmek üçin bankyň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak maksady bilen TDDYB-e tehniki kömek berýär.

Цифровая трансформация является доминирующей тенденцией в области развития банковского дела. Руководствуясь ЦУР и национальными стратегическими задачами, Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана (ГБВЭДТ) и ПРООН объединили усилия в цифровизации банковских услуг, чтобы заложить прочную основу для получения конкурентных преимуществ за счет повышения гибкости, скорости и эффективности банковских процессов.

ПРООН сотрудничает с партнерами по созданию основы для цифровой трансформации путем разработки инновационной бизнес-модели и цифровизации ГБВЭДТ для обеспечения эффективного взаимодействия с клиентами, повышения прибыли и привлечения внешнего финансирования.

ПРООН оказывает техническое содействие ГБВЭДТ в стремлении повысить потенциал банка для решения наиболее важных проблем цифровой трансформации в банковской сфере и реализации национальной повестки дня в области развития в целях построения инклюзивного и устойчивого цифрового общества в Туркменистане.





> This Digital Strategy demonstrates that UNDP refuses to stand still. With the Sustainable Development Goals serving as our guiding stars, we are looking beyond the immediate horizon to continue offering cutting-edge development support at the seminal moment for people and planet.
>
> **Achim Steiner**
> **UNDP Administrator**
>
> Bu sanly strategiýa, BMGÖM-iň bir ýerde durmajakdygyny görkezýär. Adamlar we planeta üçin iň möhüm pursatda ösüş üçin ýokary tehnologiýaly goldaw bermäge dowam edýäris, durnukly ösüş maksatlary bolsa ýol görkeziji ýyldyzlarymyz hökmünde gulluk edýärler.
>
> **Akim Ştaýner**
> **BMGÖM-niň Dolandyryjysy**
>
> Данная цифровая стратегия демонстрирует, что ПРООН не будет стоять на месте. В решающий для людей и планеты момент мы стремимся по-прежнему оказывать высокотехнологичную поддержку прогресса, а путеводными звездами нам служат цели в области устойчивого развития.
>
> **Аким Штайнер**
> **Администратор ПРООН**



*UNDP and "Turkmenaragatnashyk" Agency under the Agency for Transport and Communications of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan sign a project "Assistance in the implementation of a pilot system of interdepartmental electronic information exchange in Turkmenistan" (27 February 2023). Photo: UNDP*

*BMG ÖM we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" Agentligi 2023-nji ýylyň 27-nji fewralynda "Türkmenistanda pudagara elektron maglumat alyş-çalşygynyň synag ulgamyny durmuşa geçirmekde ýardam bermek" atly taslama gol çekýärler*

*ПРООН и Агентство «Туркменарагатнашык» Агентства Транспорта и Коммуникаций при Кабинете Министров Туркменистана подписывают проект «Содействие внедрению пилотной системы межведомственного электронно-информационного обмена в Туркменистане» (27 февраля 2023 г.). Фото: ПРООН*

## KEY ACHIEVEMENTS

- **Modernization of customs clearance procedures using the Single Window concept to strengthen country's trade capacity.**
- **Creation of a Unified State Register of Records of Civil Status Acts to digitalize the services of the civil registration system.**
- **Creation of an Electronic Data Interchange System to accelerate digital transformation in Turkmenistan.**
- **Introducing online banking to increase efficiency of banking processes.**

## ESASY ÜSTÜNLIKLER

- **BMGÖM, ýurduň söwda mümkinçiliklerini güýçlendirmek üçin "bir penjire" konsepsiýasyny ulanyp, gümrük taýdan resmileşdirmek amallaryny döwrebaplaşdyrmaga kömek etdi.**
- **BMGÖM, raýat ýagdaýynyň namalarynyň ulgamynyň hyzmatlaryny sanlaşdyrmak üçin Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň bitewi döwlet sanawyny döretmäge goşant goşdy.**
- **BMGÖM Türkmenistanda sanly özgerişi çaltlaşdyrmak üçin Elektron Maglumat alyş-çalyş ulgamyny gurýar.**
- **Bank amallarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin onlaýn bankingi girizmäge kömek edýäris.**

## ОСНОВНЫЕ ДОСТИЖЕНИЯ

- **ПРООН оказала содействие в модернизации процедур таможенного оформления с использованием концепции «единого окна» для укрепления торгового потенциала страны.**
- **ПРООН способствовала созданию Единого государственного реестра записей актов гражданского состояния для цифровизации услуг системы по регистрации актов гражданского состояния.**
- **ПРООН создает Систему электронного обмена данными для ускорения цифровой трансформации в Туркменистане.**
- **Мы помогаем внедрить онлайн-банкинг для повышения эффективности банковских процессов.**

# ACCESSION TO THE WTO

# TÜRKMENISTANYŇ BÜTINDÜNÝÄ SÖWDA GURAMASYNA KABUL EDILMEGINE ÝARDAM BERMEK

# СОДЕЙСТВИЕ ВСТУПЛЕНИЮ ТУРКМЕНИСТАНА В ВТО

The development of an effective and multilateral trading system is key to enhancing international economic cooperation. UNDP is supporting Turkmenistan in conducting an analysis of the institutional framework, strengthening national capacity to develop effective trade policies while using digital opportunities and learning from global best practices. Assistance is in place to coordinate and implement regulatory and institutional reforms to prepare Turkmenistan to the accession to the World Trade Organization (WTO), which will allow the country to integrate into world trade processes more effectively.

UNDP builds trade capacity of the country through the development of the human capital to increase the competitiveness of national staff and transform human intelligence into the leading factor of economic growth and national competitiveness, diversification of export and increasing the share of higher value-added products in export composition and lowering the share of import in the national economy.

Netijeli we köptaraplaýyn söwda ulgamynyň ösüşi halkara ykdysady hyzmatdaşlygy güýçlendirmek üçin möhümdir. BMGÖM institusional binýadynyň deslapky seljermesini geçirmekde, sanly mümkinçiliklerden we dünýäniň öňdebaryjy tejribelerinden peýdalanyp, netijeli söwda syýasatlaryny ösdürmek üçin milli mümkinçilikleri güýçlendirmekde Türkmenistany goldaýar. BMGÖM, Türkmenistany Bütindünýä Söwda Guramasyna (BSG) goşulmaga taýýarlamak üçin kadalaşdyryjy we institusional özgertmeleri netijeli utgaşdyrmaga we durmuşa geçirmäge kömek edýär, bu bolsa ýurda dünýä söwda amallaryna has netijeli goşulmaga mümkinçilik berer.

BMGÖM, milli işgärleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we adam intellektini ykdysady ösüşde we milli bäsdeşlik ukybynda esasy faktorlara öwürmek, şeýle hem eksporty diwersifikasiýa etmek we onuň düzümindäki ýokary bahaly önümleriň paýyny ýokarlandyrmak, ýurduň ykdysadyýetinde importyň paýyny azaltmak maksady bilen adam kapitalyny ösdürmek arkaly ýurduň söwda mümkinçiligini ösdürýär.

Развитие эффективной и многосторонней торговой системы важно для укрепления международного экономического сотрудничества. ПРООН поддерживает Туркменистан в проведении предварительного анализа институциональной базы, укреплении национального потенциала для разработки эффективной торговой политики с использованием цифровых возможностей и передового мирового опыта. ПРООН помогает эффективно координировать и осуществлять нормативные и институциональные реформы для подготовки Туркменистана к вступлению во Всемирную торговую организацию (ВТО), что позволит стране более эффективно интегрироваться в мировые торговые процессы.

ПРООН наращивает торговый потенциал страны посредством развития человеческого капитала с целью повышения конкурентоспособности национальных кадров и превращения интеллекта человека в ведущий фактор экономического роста и национальной конкурентоспособности, а также диверсификации экспорта и увеличения в его структуре доли продукции с высокой добавленной стоимостью, снижения доли импорта в экономике страны.





*UNDP supports national partners with top notch international expertise to effectively prepare and progress on legislative and institutional base towards WTO accession.*

*Ýurduň BSG-ä girmegi üçin kanunçylyk we institusional binýadyny netijeli taýýarlamak üçin iň oňat halkara tejribesini bermek arkaly milli hyzmatdaşlary goldaýarys.*

*ПРООН поддерживает национальных партнеров, предоставляя лучший международный опыт для эффективной подготовки законодательной и институциональной базы для вступления страны в ВТО.*

## PROMOTING HUMAN RIGHTS

## ADAM HUKULARYNYŇ ÖŇE SÜRÜLMEGI

## ПРОДВИЖЕНИЕ ПРАВ ЧЕЛОВЕКА

Promoting respect and protecting human rights is in the core of UNDP's work, which enables more strategic and sustainable development programming. Human rights are the cross-cutting issue theme for our programme which embraces such aspects as gender equality, promotion of disability rights and ensuring good governance.

UNDP in Turkmenistan strengthens the national system of protection, promotion, and implementation of human rights in Turkmenistan by harmonizing laws and practices in accordance with the country's international human rights obligations and execution of the National Action Plan of Turkmenistan on human rights for 2021-2025.

UNDP assists the government of Turkmenistan in the implementation of the recommendations of the UN Treaty Bodies and Human Rights Council`s Universal Periodic Review process, supporting the government to participate in and prepare national reports on implementation of core international human rights instruments.

UNDP focuses on increasing the institutional capacity of the Ombudsperson's Office and expanding the independent and effective functions of the Ombudsperson's Office to protect human rights in accordance with the Paris Principles, as well as strengthening cooperation of National Human Rights Institute (NHRI) with NHRIs in the Asia-Pacific region and supporting accreditation of Ombudsperson`s Office with Global Alliance of National Human Rights Institutions. These joint efforts will ensure the effective interaction of the Ombudsperson`s Office with the judiciary system, law enforcement agencies, government organizations and CSOs to protect and promote human rights in the country.

UNDP supports the establishment of a National Preventive Mechanism in the format of Ombudsperson`s Office plus CSOs to address torture in penitentiary institutions.

Adam hukuklarynyň öňe sürülmegine we goralmagyna ýardam bermek, BMGÖM-iň strategiki we durnukly ösüş maksatnamalaryny işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýän işiniň özenidir. Adam hukuklary BMGÖM-niň milli hyzmatdaşlary bilen ileri tutulýan ugry bolup, gender taýdan deňlik, maýyplaryň hukuklaryny öňe sürmek we demokratik dolandyryşy üpjün etmek ýaly ugurlary öz içine alýar.

BMGÖM Türkmenistanda adam hukuklaryny goramak, öňe sürmek we durmuşa geçirmek ulgamyny adam hukuklary boýunça halkara kadalara we ölçeglere laýyklykda kanunlary we amallary sazlaşdyrmak we BMGÖM-niň ýardam berilmeginde işlenip taýýarlanan Türkmenistanda adam hukuklary boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli Meýilnamasyny durmuşa geçirmek arkaly güýçlendirýär.

BMGÖM Türkmenistanyň Hökümetine BMG-nyň şertnamalaýyn guramalarynyň tekliplerini ýerine ýetirmekde we BMG Adam Hukuklary boýunça Geňeşiniň Alhlumumy Döwürleýin Synynyň mehanizminiň çäginde we halkara adam hukuklary boýunça esasy halkara şertnamalaryň ýerine ýetirilişi baradaky milli hasabatlary taýýarlamakda ýardam berýär.

BMGÖM Türkmenistanda Adalatçynyň edarasynyň institusional mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga we Adalatçynyň edarasynyň Pariž ýörelgelerine laýyklykda adam hukuklaryny goramakdaky garaşsyz we netijeli wezipelerini giňeltmäge, şeýle hem Adam hukuklary boýunça milli instituty (AHMI) bilen Aziýa we Ýuwaş umman sebitindäki AHMI-larynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmäge aýratyn üns berýär. Adalatçynyň edarasyna Milli Adam Hukuklary Guramalarynyň Global Bileleşiginde (GANHRI) akkreditasiýa işinde ýardam berýäris. Biziň bilelikdäki tagallalarymyz, Adalatçynyň edarasynyň ýurtda adam hukuklaryny goramak we öňe sürmek üçin kazyýet, hukuk goraýjy edaralar, döwlet edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri bilen netijeli özara gatnaşyklary üpjün edýär.

Adalatçynyň edarasy + jemgyýetçilik birleşikleriniň formatynda düzediş edaralarynda gynamalaryň öňüni almak üçin çäre görmek üçin Milli Öňüni alyş Mehanizminiň döredilmegini goldaýar.

Содействие продвижению и защите прав человека лежит в основе деятельности ПРООН, что позволяет разрабатывать стратегические и устойчивые программы развития. Права человека являются приоритетным направлением сотрудничества ПРООН с национальными партнерами и охватывает такие аспекты, как гендерное равенство, продвижение прав лиц с инвалидностью и обеспечение демократического управления.

ПРООН в Туркменистане укрепляет национальную систему защиты, поощрения и реализации прав человека в Туркменистане путем гармонизации законов и практики в соответствии с международными нормами и стандартами в области прав человека и реализации Национального плана действий по правам человека в Туркменистане на 2021–2025 гг., разработанного при содействии ПРООН в Туркменистане.

ПРООН оказывает содействие Правительству Туркменистана в выполнении рекомендаций договорных органов ООН и в процессе подготовки национальных докладов в рамках механизма Универсального периодического обзора Совета по правам человека ООН и о выполнении основных международных договоров в области прав человека.

ПРООН уделяет особое внимание повышению институционального потенциала Аппарата Омбудсмена Туркменистана и расширению независимых и эффективных функций Аппарата Омбудсмена в защите прав человека в соответствии с Парижскими принципами, а также укреплению сотрудничества Национального института по правам человека (НИПЧ) с НИПЧ в Азиатско-Тихоокеанском регионе. Мы содействуем Аппарату Омбудсмена в процессе аккредитации в Глобальном альянс национальных правозащитных учреждений (ГАНПЗУ). Наши совместные усилия обеспечивают эффективное взаимодействие Аппарата Омбудсмена с судебной системой, правоохранительными органами, государственными организациями и общественными объединениями по защите и продвижению прав человека в стране.

ПРООН поддерживает создание Национального превентивного механизма в формате Аппарат Омбудсмена + общественные объединения для принятий действий по предупреждению пыток в пенитенциарных учреждениях.



*UNDP supports the Government of Turkmenistan in preparing for the Dialogue with the UN Committee on the Elimination of Racial Discrimination. Photo: UNDP*

*BMGÖM Türkmenistanyň Hökümetine BMG-niň Rasa kemsitmäni ýok etmek boýunça komiteti bilen Dialoga taýýarlanmagyny goldaýar. Surat: BMGÖM*

*ПРООН поддерживает Правительство Туркменистана в подготовке к Диалогу с Комитетом ООН по ликвидации расовой дискриминации. Фото: ПРООН*






*UNDP meets with representatives of civil society organizations (CSOs) in Turkmenistan on the First Draft of the national report of Turkmenistan for 4th cycle of the Universal Periodic Report (UPR) (10February 2023). Photo: UNDP*

*BMG ÖM 2023-nji ýylyň 10-njy fewralynda Umumy döwürleýin synyň dördünji tapgyry boýunça milli hasabatyň birinji taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak üçin raýat jemgyýetiniň wekilleri bilen duşuşygy geçirýär*

*ПРООН проводит встречу с представителями гражданского общества в Туркменистане для обсуждения первого проекта национального доклада Туркменистана по четвертому циклу Универсального периодического обзора (УПО) (10 февраля 2023г.). Фото: ПРООН*



*UNDP is collaborating with the Government of Finland to support Ombudsperson`s Office. Photo: UNDP*

*BMGÖM Finlýandiýanyň Hökümeti bilen Adalatçynyň edarasyna goldaw bermek üçin hyzmatdaşlyk edýär. Surat: BMGÖM*

*ПРООН сотрудничает с Правительством Финляндии для поддержки Аппарата Омбудсмена. Фото: ПРООН*




*UNDP and UNFPA jointly with the Working Group on educational courses on human rights are developing the Special Courses for Civil Servant on Gender-Responsive Governance (29 May 2023). Photo: UNDP*

*BMGÖM we UNFPA , Adam hukuklary boýunça okuw sapaklary boýunça Iş topary bilen bilelikde döwlet gullukçylary üçin gendere gönükdirilen dolandyryş boýunça ýörite okuwlary işläp taýýarlaýarlar (2023-nji ýylyň 29-njy maýy). Surat: BMGÖM*

*ПРООН и ЮНФПА совместно с Рабочей группой по образовательным курсам по правам человека разрабатывают специальные курсы для государственных служащих по гендерно-ориентированному управлению (29 мая 2023 г.). Фото: ПРООН*

# BUILDING INCLUSIVE SOCIAL PROTECTION

# INKLÝUZIW DURMUŞ GORAGY ULGAMYNYŇ DÖREDILMEGI

# СОЗДАНИЕ СИСТЕМЫ ИНКЛЮЗИВНОЙ СОЦИАЛЬНОЙ ЗАЩИТЫ

Strong social protection systems are key to future sustainability to ensure that everyone has access to the opportunities and resources needed to participate fully in economic, social, cultural, and political life.

UNDP in Turkmenistan actively contributed to the introduction of a new model of the community based social services within the framework of the Joint Programme, funded by the Joint SDG Fund and implemented by the UN Agencies in Turkmenistan. This initiative served as a starting point in the process of reforming the social service provision system in the country to empower vulnerable people and ensure their access to essential services and strong social protection.

With the support of the Global Development and South-South Cooperation Fund, UNDP partners with the Blind and Deaf Society of Turkmenistan to increase employment and income generation opportunities for people with disabilities in Turkmenistan through vocational training and the creation of new employment opportunities.

UNDP plans to work on the development of a Roadmap for the implementation of the Convention on the Rights of Persons with Disabilities (CRPD) jointly with the Working Group of Interdepartmental Commission on Human Rights and CSOs in Turkmenistan.

Ygtybarly durmuş gorag ulgamlary durnukly geljege ýetmek üçin edilýän tagallalarda möhüm faktorlaryň biri bolup durýar. Netijeli durmuş gorag ulgamy her bir adamyň ykdysady, jemgyýetçilik, medeni we syýasy durmuşa doly gatnaşmak üçin zerur mümkinçiliklere we serişdelere elýeterliligini üpjün edýär.

Türkmenistandaky BMG-niň Ösüş Maksatnamasy DÖM Bilelikdäki gaznasy tarapyndan maliýeleşdirilýän we BMG guramalary tarapyndan Türkmenistanda durmuşa geçirilýän Bilelikdäki Maksatnama laýyklykda ýerli derejede inklýuziw durmuş hyzmatlaryň täze modeliniň ornaşdyrylmagyna işjeň goldaw berdi. Bu başlangyç, ilatyň ejiz toparlarynyň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň artdyrylmagy we esasy hyzmatlara elýeterliligi hem ygtybarly durmuş goragyny üpjün etmek üçin ýurduň durmuş hyzmat ulgamyny özgertmegiň başlangyç nokady boldy.

Global Ösüş Gaznasynyň we “Günorta-Günorta” Hyzmatdaşlygyň maliýe goldawy bilen BMGÖM, Türkmenistanyň Körler we kerler jemgyýeti (TKKJ) bilen ýakyndan işleşýär we hünär okuwy hem täze iş mümkinçilikleri döretmek arkaly Türkmenistanda maýyplar üçin iş we girdeji mümkinçiliklerini giňeltmek üçin işleýär.

Türkmenistandaky BMGÖM Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparyň Iş topary we jemgyýetçilik birleşmeleri bilen bilelikde Maýyplaryň hukuklary baradaky Konwensiýany (CRPD) durmuşa geçirmek üçin teklipleri işläp taýýarlamagy meýilleşdirýär.

Надежные системы социальной защиты являются одним из решающих факторов в усилиях по достижению устойчивого будущего. Действенная система социальной защиты обеспечивает доступ каждого человека к возможностям и ресурсам, необходимым для полноценного участия в экономической, социальной, культурной и политической жизни.

ПРООН в Туркменистане активно способствовала внедрению новой модели инклюзивных социальных услуг на местном уровне в рамках Совместной программы, финансируемой Объединенным фондом ЦУР и реализуемой агентствами ООН в Туркменистане. Данная инициатива послужила отправной точкой в процессе реформирования системы предоставления социальных услуг в стране для расширения прав и возможностей уязвимых групп населения и обеспечения их доступа к основным услугам и надежной социальной защите.

При финансовой поддержке Фонда глобального развития и сотрудничества «Юг-Юг» ПРООН тесно сотрудничает с Обществом слепых и глухих Туркменистана (ОСГТ), чтобы расширить возможности трудоустройства и получения дохода для людей с ограниченными возможностями в Туркменистане посредством профессионального обучения и создания новых возможностей трудоустройства.

ПРООН планирует сотрудничество в целях разработки рекомендаций по реализации Конвенции о правах инвалидов (КПИ) совместно с Рабочей группой Межведомственной комиссии по обеспечению выполнения международных обязательств Туркменистана в области прав человека и международного гуманитарного права и общественными объединениями в Туркменистане.

*UNDP provides support in reforming the social service provision system to empower vulnerable people.*
*We increase employment and income generation opportunities for people with disabilities in Turkmenistan.*
*UNDP plans to assist in the development of a Roadmap for the implementation of the CRPD.*

*BMGÖM, ejiz adamlaryň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegi üçin durmuş hyzmat ulgamynyň özgertmelerini goldaýar.*
*Biz Türkmenistanda mümkinçilikleri çäkli adamlar üçin iş we girdeji mümkinçiliklerini giňeldýäris.*
*BMGÖM Maýyplaryň hukuklary baradaky konwensiýany durmuşa geçirmek üçin teklipleri işläp taýýarlamagy meýilleşdirýär.*

*ПРООН оказывает поддержку в реформировании системы социальных услуг для расширения прав и возможностей уязвимых людей.*
*Мы расширяем возможности трудоустройства и получения дохода для людей с ограниченными возможностями в Туркменистане.*
*ПРООН планирует оказать содействие в разработке рекомендаций по реализации Конвенции о правах инвалидов.*





## YOUTH EMPOWERMENT AND RESILIENCE FOR SOCIAL COHESION

## ÝAŞLARYŇ MÜMKINÇILIKLERINI GIŇELTMEK WE DURMUŞ BITEWILIGINI PUGTALANDYRMAK

## РАСШИРЕНИЕ ВОЗМОЖНОСТЕЙ И УКРЕПЛЕНИЕ СОЦИАЛЬНОЙ СПЛОЧЕННОСТИ МОЛОДЕЖИ

Young people around the world can be a driving force for the achievement of the Sustainable Development Goals. Considering the crucial role played by younger generation in the socio-economic development of Turkmenistan, UNDP enhances the potential of young people, including through outreach, advocacy, thought leadership, global networks, and familiarization with international experience and global initiatives on sustainable development.

We empower youths through digital literacy, skills, and resources they need to embrace digital technology through providing platforms for knowledge sharing and networking. We help younger generation to capitalize on the ever-evolving digital reality and ensure youth's active engagement in building an inclusive and sustainable future for all.

Violent extremism undermines peace and security, human rights, and sustainable development. Mitigating the appeal of violent extremism amongst communities and vulnerable groups, particularly young people, is a high priority for many countries around the world, including Turkmenistan. In partnership with the European Union (EU) we support the government and Civil Society Organizations (CSOs) in their efforts to provide socio-economic support to vulnerable youth to empower and build their resilience to violent extremism.

In Turkmenistan, UNDP applies a collective approach to develop the values of providing mutual support among youth. The youth are supported to develop their professional and business skills by expert groups from the private and public sectors, and thus enhance their opportunities in life and build resilience to tackle global threats.

Dünýädäki ýaşlar Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň möhüm hereketlendiriji kuwwaty bolup durýar. BMGÖM ýaş nesliň Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşinde oýnaýan möhüm roluny göz öňünde tutup, şol sanda wagyz-nesihat, wekilçilik, pikir liderligini höweslendirmek, global ulgamlara gatnaşmak, halkara tejribesi we durnukly ösüş başlangyçlar bilen tanyşmak arkaly, ýaşlaryň mümkinçiliklerini ösdürýär.

BMGÖM sanly sowatlylygy, sanly tehnologiýalary ulanmak üçin zerur endikleri we serişdeleri ýokarlandyrmak we bilimleri paýlaşmak we aragatnaşyk gurmak üçin platformalary hödürlemek bilen ýaşlaryň mümkinçiliklerini giňeldýär. Biz ýaş nesle hemişe ösýän sanly hakykatdan peýda gazanmaga we ýaşlaryň hemmeler üçin inklýuziw we durnukly geljegi gurmaga işjeň gatnaşmagyny üpjün edýäris.

Zorlukly ekstremizm parahatçylygy we howpsuzlygy, adam hukuklaryny we durnukly ösüşi pese gaçyrýar. Ilatyň, esasanam ýaşlaryň arasynda zorlukly ekstremizmiň öňüni almak Türkmenistan ýaly köp ýurt üçin ileri tutulýan ugur. Ýewropa Bileleşigi (ÝB) bilen hyzmatdaşlykda biz Hökümet we raýat jemgyýeti guramalarynyň ejiz ýaşlara hukuklary we mümkinçilikleri giňeltmek hem zorlukly ekstremizme garşy durnuklylygy ýokarlandyrmak üçin durmuş we ykdysady goldaw bermek baradaky tagallalaryna goldaw berýäris.

Türkmenistanda BMGÖM ýaşlaryň arasynda özara goldawyny üpjün etmek üçin köpçülikleýin gatnaşmak çemeleşmesini ulanýar. Hususy we döwlet pudaklarynyň hünärmen toparlary tarapyndan ýaşlaryň maksatlaýyn toparlarynyň hünär we işewürlik ukyplaryny ösdürmäge goldaw berýär, bu olaryň mümkinçiliklerini giňeldýär we global howplara garşy durnuklylygy ýokarlandyrýar.

Молодые люди во всем мире являются важнейшей движущей силой достижения Целей в области устойчивого развития. Учитывая важную роль, которую играет подрастающее поколение в социально-экономическом развитии Туркменистана, ПРООН повышает потенциал молодежи, в том числе посредством информационно-разъяснительной работы, адвокации, поощрения идейного лидерства, участия в глобальных сетях, ознакомления с международным опытом и глобальными инициативами по устойчивому развитию.

